# Saparmyrat Türkmenbaşy taglymatynyñ esaslary -4: Garaşsyzlyk teswiri

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 22 января, 2025

Saparmyrat Türkmenbaşy taglymatynyñ esaslary -4: Garaşsyzlyk teswiri

4. Garaşsyzlyk teswiri

"Garaşsyzlyk we Bitaraplyk Türkmenistanyň iki synmaz sütünidir, olar biziň baýlygymyzdyr we ykbalymyzdyr".
Saparmyrat Türkmenbaşy.

Garaşsyzlyk türkmeen halkynyň taryhy ömrüni uzaltdy. Türkmen halky Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda aýdyşy ýaly, ýüz on ýyllap Russiýa, sowet şadöwletleriniň düzüminde hem golastynda ýaşady. Şunça döwrüň içinde ol garaşsyzlygy hem özbaşdaklygy arzuw edip ýaşady, özüni şeýle baëagtly eýýama ýetirjek gerçek şahsyýetiň dörärine garaşdy. 1991-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 27-sinde Saparmyrat Türmenbaşynyň taryhy paýhasy we syýasy erki bilen Garaşsyz Türkmen döwleti jar edildi. Munuň özi döwlet-syýasy Garaşsyzlygyň gazanylmagydy. Şondan soň Saparmyrat Türkmenbaşy ykdysady taýdan Garaşsyzlygy berkitmek hem-de ruhy garaşsyzlygy kemala getirmek üçin gije-gündiz arman işledi. Bu gün bolsa biz şol beýik zähmet netijesinde dünýäde Garaşsyz hem hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň abraýynyň gün-günden beýgelýändigini görýäris.
Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda garaşsyzlyk pikirleri yzygiderli işlenendir. Ýüz on ýyllyk elgaramalykdan, baknalykdan soň, biz Garaşsyzlygyň gadyr-gymmatyny hasam oňat bilýäris. Gorkut atanyň taglymatynda garaşsyzlyk ruhy, dünýägaraýyş hem syýasy mesele hökmünde goýulmaýardy. Sebäbi

muňa zerurlyk ýokdy, ol taryhy zamanda oguzlar-türkmenler sözüň ähli manylarynda garaşsyz ýaşaýardylar, «Göroglynyň döreýşinde» bolsa türkmeniň ýurdunyň täze hana ýetip, soňraky dessanlarda garaşsyz durmuşynyň çeper beýany berilýärdi. XVII-XIX asyrlar aralygyndaky nusgawy pelsepämizde hem-de edebiýatymyzda «bibaşlyk» diýen jümle köp ulanylýar. Beýik Magtymguly:

Ersgin bolsa, gider döwlet,
Hiç ülke bibaş bolmasyn

– diýip, ahmyrly ýazypdy. XIX asyryň ýiti paýhasly, halkynyň taryhy ykballary barada pikir ýöredip bilen şahyry Abdysetdar Kazy öz döwrüniň türkmenleriniň syýasy dagynyklygyny «kowmy bibaş» jümlesiniň üsti bilen aňladypdy. Diýmek, bibaşlyk garaşsyzlygyň gapma-garşylygy manysynda gelýän aňlatmadyr.
Özüniň gelip çykyşy boýunça «garaşsyzlyk» adalgasy XX asyr türkmen diliniň hadysasydyr, onuň gapma-garşylygy bolsa «garaşlylykdyr». Garaşly – kesekiniň agzyna hem hökümine garamak, şolara bagly bolmak diýmekdir. Garaşlylyk elgaramalyk, baknalyk, tabynlyk diýen sözleriň üsti bilen aňladylýar. Bir milletiň başga bir döwlete bagly bolmagy uly adalatsyzlykdyr. Şonuň üçinem dünýäniň dürli halklary milli garaşsyzlyk ugrunda hemişe göreşip gelipdirler. Emma milli garaşsyzlyk diňe döwlet garaşsyzlygy mahalynda mümkindir.
Döwlet garaşsyzlygy milli garaşsyzlyga esas döredýär. Milli garaşsyzlyk bolsa örän giň hem düýpli hadysadyr, ol halkyň taryhynda hil taýdan täze eýýamy açýar.
Adamlar ýaş hem akyl-paýhas kämilligine ýetenlerinden soň täze maşgala, täze ojak gurýarlar. Çünki olara ömür sürmek, täze nesilleri öndürmek, örňemek, ýaýramak gerek. Bu durmuşyň üýtgewsiz kanunydyr. Milli Garaşsyzlyk hem millete durmuşy, ruhy taýdan örňemek we ösmek üçin gerekdir. Edil maşgala guran adamlaryň öz mümkinçiliklerini amal etmek isleýişleri ýaly, garaşsyz millet-de özüni dünýä aýan etmek, öz ykdysady, maddy hem ruhy güýç-kuwwatyny durmuşa geçirmek isleýär.
Biz ýönekeýje hem iň adaty zatlaryň gürrüňini edýäris. Durmuş

şeýledir, iň esasy we iň beýik zatlar hem hakykatlar ýönekeý bolýarlar. Emma şu ýönekeýlik üçin, şu tebigy islegleriň amala aşmagy üçin türkmeniň, gör, näçe nesilleri jandan geçip göreşdiler, gör, näçe nesiller oňa ýetip bilmän gitdiler! Adam ömrüniň manysyny-da, milletiň ýaşaýşynyň manysyny-da iň tebigy hem ýönekeý zatlar we hakykatlar emele getirýär.
Garaşsyzlyga çenli türkmeniň ruhy taýdan belentde bolmagynyň sebäbi-de onuň şol ylhamy, taryhy durmuşyň kyssalaçlygyna garamazdan, hiç haçan elden bermän gelenligindedir. Milli garaşsyzlyk diňe muňa ruhy taýdan mynasyp hem taýýarlykly bolan halka ýar bolýar.
Türkmen halky üçin milli Garaşsyzlygyň ähmiýetini şol garaşsyzlygy dörediji şahsyýet bolan Beýik Saparmyrat Türkmenbaşydan oňat göz öňüne getiren hem düşündiren adam bolup bilmez. Ine, onuň milli Garaşsyzlygyň ähmiýeti we wezipeleri hakynda aýdan käbir pähimleri:

«Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygyna eýe bolmagy iň esasy gazanylan zat diýip hasap edýärin. Türkmenler öz döwletini döretmek barada asyrlarboýy arzuw edip geldi. Ykbal türkmeniň bu mukaddes arzuwyny biziň neslimiziň durmuşa geçirmegine miýesser etdi».

«Garaşsyzlyk Türkmenistanyň halkyna hemme zady – erkinligi hem özüňçe oýlanyp, özüňçe ýaşamak, öz baýlyklaryňdan özüňçe peýdalanmak, öz milli medeniýetiňi ösdürmek mümkinçiligini berdi».

Durmuşdaky erkinlik we özbaşdaklyk her bir adam şahsyýetiniň «menininiň» açylmagyna mümkinçilik berýär. Edil şonuň ýaly, Saparmyrat Türkmenbaşynyň sözlerinden, Ruhnamasyndan ugur alsaň, milli garaşsyzlyk milletiň «menininiň» ýüze çykmagyna we dünýäde tanalmagyna ýol açýar. Çünki özüňçe oýlanmak, özüňçe ýaşamak, öz zadyňa özüň erk etmek, öz ruhuňy ösdürmek, biziň düşünişimizçe, «dünýäde men hem bardyryn, men şeýle-şeýleräkdirin» diýmegi aňladýar. Munuň özi taryhy ýaşaýşyň göze görünmeýän kölegesinden möwç urýan, joşgunly açyk meýdanyna çykmakdyr. Munuň özi hatda gyýtaklaýyn, kimdir

biriniň üsti bilen (eger şeýle bolsa milletiň «meni» tanalmaz derejede ýoýulýar, şeýle bir ýoýulýar weli, tas onuň barlygy-ýoklugy des-deň bolýar) däl-de, gös-göni taryhy ýaşaýşyň şaýoluna düşmekdir. Adamzat ýaşaýşynyň reňbe-reňliginde, ylmy dilde aýdanyňda, täze bir döwlett özüni tanadýar. Millet ozalky ruhy sanlygyndan «men» diýen bitewülige öwrülýär, Magtymgulynyň dilinde aýdanyňda, «menem» diýen goç ýigide öwrülýär.
Emma bu taryhy hadysa birbada, bir günde ýa bir ýylda bolup geçäýmeýär. Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasyndaky taglymatynda muňa-da degişli sapaklar bar. Onuň paýhas çeýeligi we welilik, durmuşa beletlik bilen aýdan sözleri şudur:

«Parahatlyk, Пgzybirlik, Asudalyk, Durnuklylyk diýmek, döwletiň hakyky döwlet bolmagy üçin asyrlara barabar mizemez binýadyny berkden-berk dikmek, hakyky döwlete hem döwletlilige, hakyky Garaşsyzlyga hem özbaşdaklyga eýe bolmak diýmekdir».

«Tebigy prosesleriň akymyny emeli usulda çaltlandyrmak – islendik özgerişlikleriň rowaçlanmagyny howp astyna salmakdyr».
«Milletiň ähli maddy we ruhy barlygy – dili, dini, medeniýeti, döwletliligi, jemgyýeti – bary şol özeniň üstünde gurnalýar. Bu özen bolmasa, bularyň hijisi hem belli bir düzgüne we bitewi görnüşe girip bilmeýär. Onsoň, olar Kanunalaýyklyk däl-de, özakymlylyk görnüşde ýaşaýarlar. Özakymlylygyň soňy bolsa, ýoýulmaklyga we dargamaklyga barýar».

Döwlet garaşsyzlygy milli garaşsyzlyga getirýär. Emma milli garaşsyzlyk diňe bir döwlete bagly bolman, eýsem milletiň her bir wekiliniň ruhy işjeňligini talap edýär. Şu meselede esasy işleriň biri täze dünýägaraýşy kemala getirmekdir. Täze dünýägaraýşyň doly kemala getirilmegi milli garaşsyzlygyň gutarnyklylyga eýe bolmagyny üpjün edýär. Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasyndaky taglymatynyň bu baradaky esasy düzgünleri şundan ybaratdyr:

«Garaşsyzlyk biziň dünýägaraýşymyzy tutuş üýtgetmelidir. Garaşsyzlyk bizi hakyky ruhubelent adamlar edip ýetişdirmelidir».

Munuň özi biziň ruhumyzyň tutuşlygyna täzelenmelidigini görkezýär. Dünýägaraýyş ýaşaýşyň ähli ownug-u-iri meselelerine bolan ruhy garaýyşlaryň ulgamydyr. Sowet döwründe biz ruhumyza ýat bolan garaýyşlary gollanyp geldik. Ol garaýyşlar synpy, aňyýet häsiýetine eýedi, şonuň üçinem olar bizi milli ruhy esaslarymyzdan örän daşlaşdyrdy. Aslynda olar milli ruhumyzy ýoga çykarmaga gönükdirilendi. Beýle пňýýet – milletleriň wagtlaýyndygyny, ýitip gitmelidigini wagyz edýän, synpy düşünjeleri çişirip, olary aňrybaş gymmatlyklar diýip yglan edýän aňyýet milleti bölekleýärdi hem ony kemsidýärdi. Milletiň kemsidilmegi bolsa, ilkinji nobatda, onuň maddy barlygyna, eklenjine däl-de, hut onuň ruhuna urgy bolýardy. Türkmeniň öz taryhy-ruhy tejribesinden gelip çykmaýan, keseki tarapdan boýnuna atylan aňyýet örän uly ruhy betnyşanlygyň-howaýylygyň döremegine getirdi. Meniň şahsy synlaryma görä, «howaýylyk» düşünjesini Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň Ruhnamasynda sowet döwründen galan zyýanly ruhy ýörelge hökmünde köp agzapdyr.

Howaýylyk – munuň özi janly durmuşdan üzňelikdir. Howaýylyk janly durmuşyň hajatlaryna jogap berip bilmeýän akyl endiklerine mahsusdyr. Diňe jogap berip bilmezlik däl, eýsem ol şol durmuşdan gelýän janly akyl ymtylyşlarynyň-da öňüne böwet bolýar. Geçen döwürde howaýylyk ylmyň esasy häsiýetine öwrülipdi. Ol durmuşa jogapkärçiliksiz gatnaşykdan döreýär hem-de jogapkärçiliksiz gatnaşygy döredýär.

Indi wezipe – dünýäni türkmençe duýşy hem türkmençe dünýägaraýşy kemala getirmekden ybaratdyr. Diýmek, täze dünýägaraýyş özüniň häsiýeti boýunça milli dünýägaraýyşdyr. Milletiň pelsepewi manysy bolsa uludyr. Millet – hereketdäki janly hamyrmaýadyr.

Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda milletiň taryhyna, şu gününe hem geljegine aýratyn ähmiýet berilýär. Täze türkmen dünýägaraýşyny nireden almaly? Elbetde, türkmeniň öz ýüzlerçe ýyllyk taryhynda döreden ruhy gymmatlyklaryny şu günüň janly

durmuşyna laýyklykda gaýtadan kemala getirmek arkaly almaly. Şonuň üçinem özüniň gündelik syýasy ýörelgelerinde Saparmyrat Türkmenbaşy türkmen taryhyny täzeden hem täzeçe dikeltmegi baş wezipeleriň biri edip goýupdy:

«Biz häzir öz taryhymyzy dikeldýäris. Ol häzirki Milli Galkynyşyň köp sebäplerini düşündirmäge kömek edip biljek syrlaryň ençemesini açar».

«Garaşsyzlyk bize, türkmen halkyna öz ölmez-ýitmez taryhyny gaýtadan öwrenmäge, ony täzeden ýazmaga, ondaky nämälim sahypalary anyklamaga, şanly geçmişini dikeltmäge mümkinçilik berdi».

Näme üçin biz taryha şeýle uly ähmiýet berýäris? Bu sowala Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda anyk jogap berilýär:

Taryh milletiň şu gününi hem geljegini görkezýän jogaplardan ybarat uly bir jogapnamadyr. Milletiň taryhy onuň ruhy gaçybatalgasy hem-de esasy daýanjy, onuň ruhy tylydyr. Taryhymyzy dikeltmek bilen biz geljegimizi kepillendirýäris.
Taryh millet bolmak üçin diňe maddy nygmatlaryň däl, eýsem akylyňam, ruhy gymmatlyklaryňam özüňden önmelidigini görkezýär. Akylyň özüňden önmese, maddy baýlyklaryňa eýe çykjak bolýanlar köpeliberýär. Bu bolsa ahyrky netijede millet pikiriniň puja çykmagyna, garaşsyzlygyň howaýylyga öwrülmegine getirýär. Taryhda şeýle mysallaram bolupdyr.
Biziň milli taryhymyza ünsümiziň güýçlenmegi akyl kämilliginden habar berýär. Adam hem ruhy, hem akyl kämilliginiň belli bir derejesine ýetenden soň öz asly, ata-babalarynyň kim bolanlygy bilen gyzyklanyp başlaýar. Mana düşünmeýän çaganyň ýa-da oglanyň öz asly bilen kän işi ýokdur.
Milletiň kämilligi ruhy-taryhy tejribeleri umumylaşdyrmakdan, akyl-paýhasy esasy orunda goýmakdan başlanýar.
Saparmyrat Türkmenbaşy ruhuň, dünýägaraýşyň hem akyl-paýhasyň garaşsyzlyk üçin zerurlygyna hemişe üns berip gelýär. Onuň Ruhnamasyndaky taglymatynyň esasy aýratynlygy hemişe maddylykdan ruhy, gara güýçden akyl-paýhasy ileri

tutýanlygyndan ybaratdyr. Munuň özi häsiýeti boýunça ruhy taglymatdyr. Ol Oguz hanyň, Gorkut atanyň, Göroglynyň taglymatlaryny sapak edinýär hem-de Magtymgulynyň ruhy ýörelgelerini häzirki durmuşyň derejesine we taglymatçylygyň dünýä derejesine çykarýar. Saparmyrat  Türkmenbaşymyzyň mähek daşy kimin pikirleriniň biri şudur:

«Belki Garaşsyzlygymyzy gan döküp goramak zerurlygy hiç haçan ýüze-de çykmaz, ýöne, gerek bolsa muňa-da taýyn bolmaly. Emma ony akyl bilen, paýhas bilen, sowat bilen, düşünje bilen goramak welin, hemişe-de gerek bolar».

Bu sözler Saparmyrat Türkmenbaşynyň öz beýik taryhy paýhasyndan syzdyryp aýdan sözleridir. Bu sözler Ruhnama kitabynyň özenini düzýär. Bu sözler asyrlara gitmeli we asyrlara gitjek sözlerdir. Olar her bir türkmeniň aňyna guýulmaly hem-de ähli türkmene ruhy galkan bolup hyzmat etjek sözlerdir. Olar biziň üçin täsirliligi boýunça dogalar bile bäsleşip biljek keramatly sözlerdir. Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasyndaky taglymatynda Oguz hanyň ugurtapyjylygy, Gorkut atanyň keramatlylygy, Magtymgulynyň paýhaslylygy hem-de Göroglynyň garadangaýtmaz hyjuwlylygy jemlenendir. Paýhas çyragy taryhy ýaşaýşynda nämälimlik tümünde öňe tutulyp äkidilmeli zatdyr. Emma türkmen dünýägaraýşyna ruhy paýhasyň zerur bolşy ýaly, türkmen dünýäni duýşuna-da ruhy ynançlar zerurdyr. Ynanç ýürege gerek, ynanç ýürege iýmit berýär. Ynanç – zatlara hem düşünjelere keramatlylyk hökmünde garamakdyr. Garaşsyzlyk diňe paýhas delilleri bilen däl, eýsem ynanç täsirliligi bilen-de berkidilmelidir. Ynanç üçin delil däl-de, ýürek hem söýgi gerekdir. Saparmyrat Türkmenbaşy Garaşsyzlyk ynançlary barada şeýle diýipdi:

«Mekdebe gatnaýan çagalarda, ýaşlarda biziň Garaşsyzlygymyza hem özbaşdak Watanymyza söýgi ýasama häsiýetde däl-de, eýsem ol söýgi aňdan hem kalpdan, ruhdan hem on iki süňňünden syzylyp gaýdýan söýgi bolmalydyr».

«Watan, döwlet maşgaladan we onuň garaşsyz mukaddes ojagyndan

başlanýandyr. Ine, şonuň üçin Watan, Ene we Garaşsyzlyk keramatdyr we mukaddesdir».

Watana, Garaşsyzlyga söýgi akyl delilleri, subutnamalar arkaly däl-de, tebigy suratda, görelde esasynda döredilmelidir. Hiç kim adamlara Hudaýa ynanmalydygyny subut etmeýär, emma adamlar Hudaýa ynanýarlar. Garaşsyzlygyň mukaddesligine ynanç hem subut edilmeli däl-de, terbiýelenmelidir, ol her bir türkmeniň ganyna we kalbyna çagalygyndan siňdirilmelidir. Çünki çagalyk döwri ynanjyň döwrüdir, bir kalba kök uran ynanç bolsa ömürlik gidýär.
Saparmyrat Türkmenbaşy Ruhnamasynyň ikinji kitabynda, esasan, edep kämilligi hakda gürrüň etdi, türkmen edebiniň çuň taryhy köklerini, onuň ajaýyplyklaryny ussatlyk bilen açyp görkezdi. Saparmyrat Türkmenbaşy Ruhnamada paýhas meselesinde-de entek etmeli işleriň kändigini aýratyn nygtady:

Paýhas ruhy garaşsyzlygymyzy hem özbaşdaklygymyzy berkitmäge hyzmat etmelidir. Daşarky dünýä üçin biziň baky Bitarap döwletimiziň gapylary açykdyr. Emma biziň ruhumyzyň gapylarynyň agzynda paýhas derwezebanlary bolmalydyr. Islendik pikirleri hem düşünjeleri köre-körlük bile kabul etmek ruhy zeper ýetirip biler. Biz adamzadyň döreden ruhy gymmatlyklaryny minnetli çörek ýaly kabul etmeli däldiris. Biz gymmatlyklary öz ruhumyzyň hem öz durmuşymyzyň aýratynlyklaryna uýgunlaşdyrmalydyrys.

Saparmyrat Türkmenbaşy Ruhnamasynda şeýle ýazdy:

«Biz Garaşsyz ýurdumyzda gurulýan owadan-owadan binalara guwanýarys. Edil şonuň ýaly, biz halkymyzyň içki dünýäsinde, kalbynda gurlan we gurulýan «gözel binalary» görmegi-de başarmalydyrys. Iň gözel binalar biziň şäherlerimizde нbalarymyzda däl-de, kalbymyzda, gursagymyzda gurulýar. Olary görmek üçin paýhas gözlerini, Magtymguly atamyzyň aýdyşy ýaly, jan gözlerini edinmek gerek».

Garaaşsyzlyk türkmen halkyna diňe bir azat ýaşaýyş, bolçulyk,

erkinlik, bitaraplyk däl, ruhy gözellik, ruhy baýlyk berdi. Diýarymyz bu gün altyn ruhly altyn ýaşaýşyň hözirini görüp ýaşaýar.

Edebi makalalar